# Ilki funksiýa, soñ format

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ilki funksiýa, soñ format ILKI FUNKSIÝA, SOÑ FORMAT




Ýer sarsgyny köptaraplaýyn üstünde durlup geçilmäge degişli mesele.
Ýolbaşçylar şeýle diýýär:
«Enşalla, Izmirdäki ýer titremesinde öýleri ýykylan ildeşlerimize iñ gysga wagtyñ dowamyna täzelerini gurup bereris.”
Muny diýýänlere “**Bauhaus** näme?” diýip sorasam, “jaý we şuña meñzeşler boýunça her dürli gerekli materiallaryñ satylýan dükany» diýip jogap berseler gerek… Gürrüñsiz dogry, emma meniñ gözleýän jogabym bu däl!
Bauhaus – arhitektura çemeleşmesiniñ ady…
Bauhaus şol bir wagtyñ özünde formatdan (biçüwden, daşky görnüşden) zyýada funksiýa agram berýän täzelikçi taslama mekdebidi…
Has berk-polat konstruksiýaly, uzak wagtlap peýdalanyp boljak binalary gurmagy maksat edinen käbir çepçi arhitektorlar tarapyndan 1919-njy ýylda Germaniýada açyldy…
Mekdebiñ düýbüni tutujy **Walter Adolf Georg Gropius** (1883 – 1969) on ýyllap mekdebiñ işine ýolbaşçylyk etdi.
Ilkinji nobatda (TOKİ* ýaly) bir-birine meñzeş binalaryñ zol gaýtalanyp gurulmagyna garşy çykdy.
Islendik bina taslamasy ýaly zamanabap bolsa-da, çykdajysy az, berk, funksional-praltiki-ulanmaga ýaramly we dajy jäjeklenen däl-de, sada-ýönekeý bolmalydy. Şu maksat bilenem…
Şähergurluşyk maksatnamalaryna degişli meseleleri taslaýan sferalaýyn sosial binalar bilen çözmäge çalyşdy. Dessaudaky **Torten**, Karlsruedäki **Dammentok** mikroraýonlary we Berlindäki

**Siemensstadt** şäherçeleri ýaly…
Ýetip gelýän täze asyry **konstruksiýanyň asyry** diýip yglan etdi.
Bauhaus şygaryny **“Täze bileleşik: Sungat we tehnologiýa”** atlandyrdy.
Gürrüňi açmaga rugsat ediň, çünki, gürrüňimiz ýer titremeleri barada:

- **BOLŞEWIK JÖHITLERIŇ HÖWÜRTGESI**

Bauhaus mekdebiniň müdiriniň orunbasary şweýsariýaly arhitektor **Hannes Maýer**iň (1889-1954) taglymy şudy: mesele, diňe täze arhitektura stilini döretmek bilen çäklenenok. Binalar az çykdajyly, ulanmaga ýaramly, uzak wagta çydamly we köpçülikleýin sosial hyzmatlary kabul edip biljek şekilde taýýarlanmaly.
Marksist Maýer ýakynlaşyp gelýän faşistik sfera laýyklykda munisipialetiň başlygy tarapyndan wezipesinden boşadyldy. Maýer işsiz galdym diýip elini gowşuryp durmady, Bauhausda okan şägirdini ýanyna alyp, SSSR-e gitdi, şähergurluşyk maksatnamalaryny taýýarlamaga gatnaşdy, ýaşaýyş jaýlaryny gurdy. Häzir onuň guran jaýlary sarsman durlar…
Häkimiýete gelen faşistik diktatura Bauhaus mekdebini «bolşewik jöhitleriň höwürtgesi» diýip ýapdy. Gitler gurlan binalary ruhsyz, içgysgynç hasaplaýardy!
Bugün… Bauhausyň guran binalarynyň ählisi UNESCO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girýär. Bauhaus akymyň teoriýasy we talyplarynyň eserleri häzirem stil-format we tehniki taýdan bütin dünýäde kesgitleýji artykmaçlyga eýe.
Hawa, Bauhaus akymy bary-ýogy on dört ýyl işlänem bolsa, gurluşyk taslamalaryny taýýarlamak babatda häzirem öz galdyran yzyny ýitirenok. Germaniýanyň arhitektura medeniýetiniň başga ýurtlara beren iň gymmatly eksporty hökmünde baha berilýär.…
A biz?
Biz her sarsgynda ýykylýan, hiç hili stili bolmadyk, sferalaýyn faktorlary nazara almaýan binalary gurmaga dowam edýäris…

- **MUNISIPIALETIŇ BAŞLYGY**

Arhitektura medeniýeti taýdan baý Anadoly şäherlerini JÝJGM-niñ guran we ş.m çalamydar gurlan binalar bilen dolduran añyýet Izmire näme peýda berip biler?
AKP-niñ medeni kodlarynda binagärlik stili bir barmy beri?
Galyberse-de, bu ýagdaý diñe AKP bilen çäklenenok, arhitektura göýdükligi ähli partiýalara ýiti täsirini ýetirdi.
**Fris Gesse** (1881 1973) – çepçi-liberal nemes syýasatçysy.
Ol Dessau şäher munisipialetiniñ başlygy bolansoñ Bauhaus mekdebi bilen işleşdi. Mysal üçin… mekdebe ýanaşyk ýerde talyplar üçin **Meisterhäuser** ady berlen bina gurdy. Günorta Dessauda işçilere niýetlenen 314 jaýdan ybarat mikroraýon gurdy.
**Konsumgebäude** (Dessau-Rosslaunyñ taryhy ýadygärligi) bilen birlikde, häzir Walter Gropiusyñ taslamasy bolan bäş gatly binalar diñe berkligi bilen däl, eýsem köpdürli estetikasy bilenem arhitektura taryhynyñ möhüm binalarynyñ arasynda görkezilýär…
JÝJGM-niñ (TOKI) jaýlary arhitektura taryhynda nämä nusga hökmünde görkezilip bilner? Indi estetikanyñ, berkligiñ, funksionallygyñ hiç hili gymmaty galmady.
Mülkiýete gyzyp gozgalmaýan emläk "mukaddeslik mertebesine" ýetirilendigi sebäpli adamlar jaýyñ berkligi barada dagy pikir etjegem bolup duranoklar…
Mujahidiñ müteahhide (postawşige) we «bir döwüm çörek, bir geýerlik eşik» düşünjesiniñ lýuks ýaşaýyş islegine öwrülen günümizde «Gurluşyk, ýa Resulalla!» diýýänleriñ, gynansak-da, günäsi has çökder! Häkimiýete arkalanyp seljukly we osmanly taryhyna gum sürdüler, iññän gadymy we düýpli arhitektura däplerimizi ýok etdiler.
Ata-babalarymyzdan miras galan türk öýlerini ýykdylar. Ýewropadan tapawutlanýan agaç karakasy – «hymyş» (içi tagta germawly daşy suwalan diwar) binalary, «dolma sütüni» we başgalary… hemmesini ýok etdiler. Haýsysyny ýazaýyn?
Hatda Gitlerem rimlileri ariýa jynsyna degişli hasap edip, olaryñ stillerinden täsirlendi. Olaryñ neoklassyky we ar-deko stilli arhitektura binalaryny gurdurdy. Bizde bolsa ýeke binagärlik stili ýok. Stil bolmansoñam jaýlaryñ berkligi ýok!

Esasy agramy funksiýa berýän, köküni türki medeniýetden alýan täze arhitektura gurluşygy düşünjesini janlandyrmaga we ösdürmäge borçludyrys.
Ýer titreme meselesiniñ üstünden köptaraplaýyn durup geçmek gerek.

Soner ÝALÇYN.

***TOKİ** – *Toplu Konut İdaresi Başkanlığı, literally* ***Mass Housing Development Administration MHDA*** *– Jemgyýetçilik ýaşaýyş jaýlarynyñ gurluşygy müdirligi – JÝJGM)*

«SÖZCÜ» gazeti, 05.11.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika